# Bin Ladiniñ haty sosial mediýany başaşak sallady…

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bin Ladiniñ haty sosial mediýany başaşak sallady… USAME BIN LADINIÑ 21 ÝYLLYK HATY SOSIAL MEDIÝANY BAŞAŞAK SALLADY: «BAR ZAT ÝALAN EKEN»




*Ak Tam «bulary aýan etmegiñ geregi ýok» diýdi.*
*«11-nji sentýabr» teraktlary 10 milliard dollara golaý zyýana getiripdi*
ABŞ-daky «11-nji sentýabr» teraktlaryny gurnan «El Kaidäniñ» lideri Usame bin Ladiniñ 2002-nji ýylda ýazan haty Gaza urşunda gaýtadan wiral boldy.
Bin Ladiniñ «Amerika hat» («Letter to America») atly haty sosial mediýa platformasy «TikTok»-da paýlaşma rekordyny täzeledi, ABŞ bolsa muña nägilelik bildirdi.
Wideolardan Birleşen Korollygyñ abraýly «Guardian» gazetiniñ 2002-nji ýylyñ 24-nji noýabryndaky sanynda çap edilen hata link berilendigi sebäpli gazet haty saýtyndan aýyrdy.
«TikTok» bolsa, wideolaryñ gadagan edilendigini mälim edip, # «lettertoamerica hashtag»-i ulgamyñ içindäki gözleg

düwmesinden aýyrdy.
ABŞ-nyň «New York Times» gazeti «TikTok» wideolara gadagançylyk girizmezden öň gürrüňi gidýän «hashtag»-yň ulanyjylar tarapyndan jemi 14,2 million gezek gözlenendigini aýtdy.
ABŞ-nyň 2011-nji ýylyň 2-nji maýynda Päkistanda geçiren operasiýasynda öldürilen Bin Ladin agzalýan hatynda ABŞ-da ildeşleriniň jöhitleriň «guly» bolandygyny öňe sürüpdi.
«El Kaide» toparynyň lideri hatynda amerikan hökümetiniň ýöredýän syýasatyny tankyt edip, «Ysraýyl döwletiniň gurulmagy aradan aýrylmaly jenaýatdyr» diýipdi.
Haty okan käbir «TikTok» ulanyjylary bolsa paýlaşan ýazgylarynda Bin Ladiniň eden tankydy bellikleriniň dogrudygyny öňe sürdi.
Bir «TokTok» ulanyjysy «Indi men ABŞ-na hijem öňki göz bilen seredip bilmerin» diýse, ýene biri-de «ABŞ-nyň dünýäniň başyna inen towkynäletdigine düşünendigini» aýtdy.
Platformadaky paýlaşmalardan birinde şeýle diýildi:
«Usame bin Ladiniň «Amerika hatyny» okanymdan soň Ýakyn Gündogar, «11-nji sentýabr» we «terrorizm» hakda bilýän zatlarymyzyň barsynyň ýalandygyna düşündim. Indem öňkim ýaly bolmaga synanyşýan».
ABŞ-nyň tanymal metbugat organlaryndan «CNN»-iň habar bermegine görä, platformadan öçürilmänkä 1,6 million prosmotr alan bir wideoda «Haty okan bolsaňyz ekzistensial stres geçirseňiz maňa habar beriň. Çünki soňky 20 minudyň dowamynda öňki ynanýan we başdan ýaşaýan durmuşyma bolan ähli dünýägaraýşym üýtgedi» diýen sözler aýdyldy.
Hat sosial mediýada gyzgyn seslenme döredenem bolsa, Ak Tamyň metbugat sekretarynyň kömekçisi Andrew Bates 11-nji sentýabrda gurban bolanlary ýatladyp, «Hiç kimse Usame bin Ladiniň bolgusyz sözleri bilen özüni baglanyşdyryp, şindizem ýakynlarynyň ýasyny tutup ýören 2 müň 977 amerikan maşgalasyna dil ýetirjek bolmasyn» diýip, bolýan zatlara nägileligini bildirdi.
Bates «hamasçy» militaristleriň Ikinji jahan urşunda nemes faşistleriniň amala aşyran «Holokostyndan» bäri jöhitlere

garşy gönükdirilen iñ uly gyrgynçylygy amala aşyrandygyny öñe sürüp, «muny aýan etmegiñ hiç bir jähtden geregi ýok» diýdi.

Ysraýyl «Izzeddin Kassam» brigadalarynyñ 7-nji oktýabrda başlan «Aksa tupany» operasiýasyna «Demir gylyçlar» operasiýasy bilen jogap beripdi.

Palestinanyñ Saglygy goraýyş ministrliginiñ mälim eden görkezijilerine görä, ysraýyl goşunynyñ bombalamalarynda Gazada 4 müñ 710-y çaga, 3 müñ 160-y hem aýal, jemi 11 müñ 500 adam öldürilip, ýaralananlaryñ sany 27 müñ 490-a ýetdi.

Ysraýyl bolsa Gaza tarapdan gurnalan hüjümlerde 365-i esger, azyndan 1200 adamynyñ öldürilendigini, 5 müñ 132 adamyñam ýaralanandygyny mälim etdi.

# «New York Times», «Wall Street Journal», CNN

Taýýarlan: Guwanç MÄMILIÝEW.

Anna, 17.11.2023 ý. Publisistika